## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – BERKARAR DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK BITARAPLYK DEREJESI PARAHATÇYLYK, ÖZARA DÜŞÜNIŞMEK, DOST-DOGANLYK GATNAŞYKLARYNY, YNSANPERWERLIK DÄPLERINI HAS-DA BERKIDÝÄR.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

27-nji iýun, 2025. Belgisi 26/1644




# KÖPTARAPLY GATNAŞYKLAR OKGUNLY ÖSDÜRILÝÄR

*25-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza resmi sapar bilen gelen Russiýa Federasiýasynyň daşary işler ministri Sergeý Lawrowy kabul etdi.*

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi hem-de rus tarapynyň Türkmenistan bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklara, netijeli hyzmatdaşlyga berk ygrarlydygyny nygtady. Mümkinçilikden peýdalanyp, diplomat rus tarapynyň adyndan hormatly Prezidentimize Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 80 ýyllygy – öz gahrymanlarynyň hakydasyna uly sarpa goýýan doganlyk halklaryň umumy baýramy mynasybetli Moskwada geçirilen dabaralara gatnaşandygy üçin hoşallyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministrliginiň ýolbaşçysyny myhmansöýer türkmen topragynda mübärekläp, onuň ýurdumyza saparynyň hem-de göz öňünde tutulan gepleşikleriň türkmen-rus gatnaşyklaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine ynam bildirdi. Hormatly Prezidentimiz Prezident Wladimir Putine mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Russiýa Federasiýasynyň Türkmenistanyň strategik hyzmatdaşy bolup durýandygyny belledi. Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk uzak möhletli häsiýete eýe bolup, deňhukuklylyk, ynanyşmak, özara hormat goýmak ýörelgeleri esasynda guralýar.

Duşuşygyň dowamynda hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljegi barada pikir alyşmalaryň barşynda döwletara hyzmatdaşlygyň baý taryhy tejribä, dostlugyň we hoşniýetli goňşuçylygyň berk binýadyna daýanýandygy nygtaldy. Syýasy dialog, şol sanda iki ýurduň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ugry boýunça köptaraply gatnaşyklar okgunly ösdürilýär. Parlamentara hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar, daşary syýasat edaralarynyň arasynda geňeşmeler işjeň geçirilýär.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan we Russiýa Federasiýasy ikitaraplaýyn, şeýle hem köptaraplaýyn görnüşde netijeli gatnaşyk edýärler. Taraplaryň abraýly halkara guramalaryň – BMG-niň, GDA-nyň we beýleki guramalaryň çäklerinde öňe sürülýän halkara başlangyçlarydyr teklipleri özara goldaýandygy munuň aýdyň mysalydyr. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny goldaýandygy üçin Russiýa Federasiýasyna tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Şeýle hem ýurdumyzyň başlangyjy bilen 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilendigi aýdyldy. Russiýa Federasiýasy hem degişli Kararnamanyň awtordaşy bolup çykyş etdi. Ony durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistanda we ýurdumyzyň çäklerinden daşarda köp sanly çäreler guralýar. Şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara forum geçiriler. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz rus tarapynyň bu foruma ýokary derejede gatnaşmagynyň onuň işine uly goşant boljakdygyny nygtady.

Söwda-ykdysady ulgam türkmen-rus gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu babatda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin täze mümkinçilikleri açýan ägirt uly kuwwat bar. Şunda daşary ykdysady dialogy ilerletmäge ýardam edýän bilelikdäki hökümetara toparyň uly orny we netijeli işiniň ähmiýeti bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, onuň nobatdaky mejlisini geçirmegiň möhletlerini kesgitlemäge degişli meselä üns çekildi. Şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideriniň şu ýylyň maýynda «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum 2025» XVI halkara ykdysady forumyna gatnaşmagynyň ähmiýeti bellenildi. Gahryman Arkadagymyz Kazana saparynyň çäklerinde Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti bilen telefon arkaly söhbetdeşlik geçirdi.

Ulag-logistika pudagy hem hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Bu babatda halkara üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek boýunça taslamalary durmuşa geçirmek üçin ägirt uly mümkinçilikler bar. Ynsanperwer ulgam hem özara gatnaşyklaryň möhüm ugry hökmünde görkezildi. Şunda ylym-bilim, medeniýet, saglygy goraýyş ugurlary boýunça hyzmatdaşlyk aýratyn orny eýeleýär. Şoňa görä, taryhy-medeni gatnaşyklaryň iki ýurduň halklarynyň arasynda özara düşünişmegiň özboluşly ýagdaýyny döretmäge ýardam edýändigi aýdyldy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan we Russiýa Federasiýasy geljekde-de bu däp bolan gatnaşyklary hemmetaraplaýyn goldamagy hem-de giňeltmegi göz öňünde tutýarlar.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Russiýa Federasiýasynyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan edip, dostlukly türkmen-rus gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de okgunly ösdüriljekdigine we täze many-mazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirdiler.

* * *

Şol gün Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Russiýa Federasiýasynyň daşary işler ministri Sergeý Lawrowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen duşuşyk geçirildi. Gepleşikleriň gün tertibine döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň möhüm meseleleri girizildi. Şunuň bilen baglylykda, taraplaryň daşary syýasat edaralarynyň ugry boýunça ýola goýlan netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga, Daşary işler ministrlikleriniň arasyndaky yzygiderli geçirilýän duşuşyklary dowam etdirmäge çalyşýandygy bellenildi.

Duşuşygyň jemleri boýunça Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2025-2026-njy ýyllarda hyzmatdaşlyk etmegiň Maksatnamasyna gol çekildi.

Russiýa Federasiýasynyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy türkmen diplomatlarynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň professor-mugallymlarynyň we talyplarynyň öňünde çykyş etdi. Saparyň çäklerinde myhman «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumyna baryp gördi we «Baky şöhrat» ýadygärligine gül goýmak dabarasyna gatnaşdy.

# MEDENIÝET HEPDELIGINIŇ MÖHÜM ÇÄRELERI

*22-nji iýunda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň «Nowruz ýaýlasyndaky» «Türkmeniň ak öýi» binasynda ýurdumyzda giňden bellenilýän Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabatlanyp geçirilýän Medeniýet hepdeliginiň açylyş dabarasy boldy.*

Bu giň gerimli döredijilik çäresi Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda 2013-nji ýyldan bäri Diýarymyzyň dürli sebitlerinde geçirilip, milli medeniýetiň köpöwüşginliligini aýdyň açyp görkezýär. Sungat forumy türkmen halkynyň ruhy mirasyny gorap saklamaga, öwrenmäge we bütin dünýäde wagyz etmäge, döredijilik işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmaga, täze zehinleri ýüze çykarmaga gönükdirilendir. Hepdeligiň çäklerinde milli ruha beslenen çäreler geçirilip, olar ýurdumyzyýň ýeten belent sepgitleriniň, halkyň



ruhubelentliginiň, abadan durmuşynyň çeper beýanyna öwrülýär. Her ýyl geçirilýän bu medeni forumda Watanymyzyň ösüşleri opera, aýdym-saz, kino we teatr, şekillendiriş, amaly-haşam sungaty, edebiýat ýaly ugurlarda belentden wasp edilýär.

«Türkmeniň ak öýi» binasynyň eýwanynda şekillendiriş we amaly-haşam sungaty eserlerini, ýurdumyzyň muzeýleriniň gaznalarynda saklanýan gymmatlyklary özünde jemleýän sergi ýaýbaňlandyryldy. Bu eserler asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan özboluşly däp-dessurlarymyz, halkymyzyň baý medeni mirasy we sungaty barada gürrüň berýär. Bu ýerde ajaýyp halylar, keçeler, senetçileriň eserleri, heýkeller, milli lybaslar, nepis şaý-sepler, saz gurallary, adaty türkmen durmuşyna degişli esbaplar, surat eserleri, neşir önümleri görkezildi.

Şol gün «Türkmeniň ak öýi» binasynyň sahnasynda sungat ussatlarynyň, ýaş ýerine ýetirijileriň



– dürli milli döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileriniň we meşhur aýdym-saz toparlarynyň konserti geçirildi. Joşgunly çykyşlar halkynymyzyň baý mirasyny, sungat ussatlarynyň döredijilik ukyplaryny ýüze çykardy. Çykyşlarda Gahryman Arkadagymyzyň bütin dünýäde parahatçylygy, dost-doganlygy berkitmek baradaky asylly başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan döwletli tutumlary wasp edildi. Çykyşlar ýurdumyzyň häzirki döwürde gazanýan ösüşlerini görkezýän wideoşekiller bilen utgaşdy.

Soňra dünýädäki ilkinji we ýeke-täk bugdaý muzeýi bolan Milli «Ak bugdaý» muzeýinde hünärmenleriniň «Halkymyzyň medeni mirasyny toplamakda, gorap saklamakda we olary ylmy esasda öwrenmekde muzeýleriň orny» atly okuw-usuly maslahaty geçirildi. Maslahatda muzeý işini guramagyň usulyýetini mundan beýläk-de döwrebap-



laşdyrmak, diňe bir milli däl, eýsem, umumadamzat derejesinde-de uly ähmiýete eýe bolan maddy we ruhy gymmatlyklary öwrenmek meseleleri hakynda gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Muzeý gymmatlyklaryny, sungat eserlerini, arheologik tapyndylary hasaba almak we saklamak, gadymy ýaraglary hasaba almagyň, goramagyň aýratynlyklary, muzeý gymmatlyklaryny ýerleşdirmegiň düzgünleri we tertibi, muzeý işine sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy baradaky çykyşlar diňlenildi.

Medeniýet hepdeliginiň birinji gününiň täsirli wakalaryndan biri «Şükür bagşy» sahna oýnunyň görkezilmegi boldy. Kaka etrabynyň studiýa teatrynyň topary tarapyndan sahnalaşdyrylan bu sahna oýny Gahryman Arkadagymyzyň «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabyndan ylham alýar. Kitapda köp asyrlyk çeperçilik däplerinden gözbaş alyp gaýdýan jadyly hünär eýesiniň janly beýany hökmünde görkezilýän bagşynyň köp taraply sungaty beýan edilýär. ■ 2

# ZYÝARATLARYŇYZ KABUL BOLSUN!

*Yslam dünýäsiniň mukaddes ýerleri hasaplanýan Mekge we Medine şäherlerine haj parzyny berjaý etmek üçin giden ildeşlerimiz Watanymyza dolanyp geldiler. Saud Arabystany Patyşalygyna zyýaraty amala aşyran toparyň agzalary haj parzyny ýerine ýetirmek babatda döwlet tarapyndan alada edilýändigi üçin hajy Arkadagymyza we Arkadagly hajy Serdarymyza alkyşlaryny beýan etdiler.*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň ynsanperwer ýörelgeleri, asyrlar aşyp gelýän ýagşy dessurlary berjaý etmegi babatda döwlet tarapyndan ähli zerur şertler döredilýär. Munuň özi paýhasly pederlerimiziň taryhyň dowamynda döreden dünýä nusgalyk ýörelgeleriniň häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde mynasyp dowam etdirilýändiginiň aýdyň beýanydyr.

Döwlet Baştutanymyzyň kabul eden çözgüdine laýyklykda, yslam dünýäsiniň mukaddes künjekleri hasaplanýan Mekgede we Medinede bolup, haj parzyny berjaý eden ildeşlerimiz uçardan düşüp, ene topragymyza gadam goýdular. Olaryň uly dabara bilen garşylanmagy ýurdumyzda asyrlar aşyp gelýän ýagşy dessurlaryň dowamata atarylýandygyny alamatlandyrdy.

Şu ýyl ýurdumyzdan Mekgä we Medinä zyýarata giden ildeşlerimiziň umumy sany 3 müňe golaýlaýar.

Ýurdumyzyň ähli welaýatlaryndan we paýtagtymyzdan bolan zyýaratçylar musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri – Gurban baýramynyň sahawatly günlerinde dünýä ýurtlaryndan barýan zyýaratçylaryň millionlarçasy bilen bir hatarda, Mekgede hem-de Medinede haj parzyny ýerine ýetirdiler. Medinede zyýaratçylar hezreti Muhammet pygamberiň, onuň egindeşleriniň ruhlarynyň aram tapan ýerlerine, metjitlere we beýleki mukaddes ýerlere zyýarat etdiler. Olar haj parzynyň berjaý ediljek ýeri bolan Mekgede Zem-Zem çeşmesi, Al-Haram metjidi ýaly yslam dünýäsiniň baş mukaddesliklerine togap edip, mukaddes Käbäniň daşyndan aýlandylar.



Kalbynda ýagşy umyt-arzuwlary beslän ildeşlerimiz keramatly toprakda bolup, haj parzynyň ähli şertlerini amal etdiler. Munuň üçin olar Milli Liderimize hem-de hormatly Prezidentimize hoşallyk sözlerini öwran-öwran beýan etdiler. Goý, haj parzyny berjaý eden zyýaratçylaryň doga-dilegleri, beren sadakalary Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!



# DÖWREBAP SAGLYK MERKEZLERI GURULÝAR

***Ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyz boýunça iş saparyny amala aşyryp, Aşgabatda gurluşygy alnyp barylýan saglygy goraýyş ulgamyna degişli desgalaryň şekil taslamalary we olaryň ýerleşýän ýerleriniň çyzgylary bilen tanyşdy.***

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň hem-de lukman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzyň ähli künjeklerinde, şol sanda paýtagtymyzda we Arkadag şäherinde durmuş maksatly binalaryň, saglygy goraýyş ulgamyna degişli häzirki zaman desgalarynyň gurluşygy bilen baglanyşykly meseleler döwletimiziň üns merkezinde saklanýar. Bu bolsa saglyk edaralarynyň häzirki zaman talaplaryna we ýokary halkara görkezijilere laýyk derejede bina edilmegine, olaryň ylmyň gazananlary esasynda enjamlaşdyrylmagyna giň ýol açýar.

Gurulýan saglyk merkezleriniň we lukmançylyk edaralarynyň lukman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda işlenip taýýarlanylan hem-de häzirki döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän «Saglyk» Döwlet maksatnamasynda bellenen wezipelere laýyklykda bina edilýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

Gahryman Arkadagymyz gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan Stomatologiýa merkeziniň otaglarynyň enjamlaşdyrylyşyna, binanyň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşyna degişli şekil taslamalary, köp gatly merkeziň ugurdaş desgalarynyň ýerleşýän ýerleriniň çyzgylary bilen tanyşdy. Merkeziň gurluşygynda alnyp barylýan işler bilen tanyşlyk çäresine tejribe alyşmak üçin ýurdumyzda saparda bolýan Germaniýanyň meşhur stomatolog lukmany Aksel Zöllner hem-de onuň ýany bilen döwrebap, sanly ulgam arkaly dolandyrylýan stomatologiýada usulyýet we bejeriş işleri boýunça işleýän kärdeşleri hem gatnaşdylar.

Bellenilişi ýaly, merkeziň ähli bölümleri, bejeriş otaglary Germaniýa, Awstriýa, ABŞ, Ýaponiýa, Italiýa, Kanada, Hytaý, Daniýa ýaly lukmançylyk enjamlaryny öndürmekde dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň iň kämil enjamlary bilen üpjün edilýär. Lukman Arkadagymyz merkeziň otaglarynyň enjamlaşdyrylyş derejesi bilen tanşyp, olara birnäçe belliklerini aýtdy. Binalaryň gurluşygynda milli ýörelgeler bilen häzirki zamanyň ösen tejribesiniň utgaşdyrylmalydygyna ünsi çekip, Milli Liderimiz durmuş maksatly desgalaryň ýokary hil derejesinde gurulmagynyň, bellenen möhletlerde ulanmaga berilmeginiň we saglygy goraýyş edaralarynyň häzirki zaman görkezijilerine laýyk ýagdaýda enjamlaşdyrylmagynyň şähergurluşyk maksatnamasynyň möhüm talaby bolup durýandygyny belledi.

Taslamalar bilen tanyşlygyň çäklerinde Stomatologiýa merkeziniň lukmany J.Garlyýew täze merkeziň enjamlaşdyrylyşy barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, näsaglaryň ýatymlaýyn bejergi alyp bilmekleri üçin zerur şertleriň döredilmegi merkeziň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Şol bir wagtyň özünde bu ýerde dürli ýaşdaky adamlar, şol sanda çagalar üçin aýratynlykda niýetlenen bölümler bar. Alym Arkadagymyz merkeziň enjamlaşdyrylyşy bilen bir hatarda, onda işlejek lukmanlaryň hünär derejesiniň kämilleşdirilmegine, degişli bölümlerde döredilýän iş we dynç alyş şertleriniň ýokary derejede bolmagyna aýratyn ähmiýet bermegi tabşyrdy.

Stomatologiýa merkeziniň gurluşygy ynanylan Türkiýäniň «GAP Inşaat» kompaniýasynyň wekili merkeziň binagärlik aýratynlyklary, onuň bölümleriniň ýerleşdiriliş tertibi, binanyň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Saglygy goraýyş ulgamyna degişli binalaryň gurluşygynda ekologik taýdan arassa serişdeleriň ulanylmagynyň wajyp talap bolup durýandygyna ünsi çekip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bu işleriň häzirki zaman talaplaryna laýyk derejede ýerine ýetirilmelidigini belledi.

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri paýtagtymyzdaky Indira Gandi adyndaky lukmançylyk orta okuw mekdebinde täze gurulýan Stomatologiýa merkezinde işlemek üçin degişli hünärmenleriň taýýarlanylýandygy we bu işleri dowam etdirmek üçin zerur tagallalaryň edilýändigi barada hasabat berdi. Lukman Arkadagymyz hünärmenleri taýýarlamagyň, saglygy goraýyş edaralaryna sanly ulgamy, intellektual eýeçiligi giňden ornaşdyrmagyň döwrüň möhüm talabydygyny belledi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy saglyk edaralarynyň ýokary derejede enjamlaşdyrylmagy bilen bir hatarda, bu ugurda sanly ulgamyň talabalaýyk özleşdirilmelidigini, şunda dünýäniň öňdebaryjy klinikalary bilen özara hyzmatdaşlygyň ösdürilmelidigini we lukmanlaryň hünär derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmalydygyny belledi.

Germaniýaly tejribeli stomatolog lukmanlardyr diş tehnikleri merkezde ornaşdyrylýan enjamlaryň dünýäde iň kämil enjamlardygyny, olaryň lukmançylyk ylmynyň öňdebaryjy gazananlarydygyny nygtap, täze desganyň enjamlaşdyrylyşynyň derejesine ýokary baha berdiler. Häzirki döwürde dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň, şol sanda Germaniýanyň degişli ugurlar boýunça baý tejribe toplan lukmanlary we hünärmenleri ýurdumyzda ýygy-ýygydan bolup, türkmen kärdeşleri bilen özara tejribe alyşýarlar. Nemes lukmanlary Türkmenistanyň nusgalyk derejede enjamlaşdyrylan saglyk merkezlerinde bilelikdäki operasiýalara gatnaşyp, tejribelerini paýlaşýarlar.

Alym Arkadagymyz lukmançylyk ylmynyň we häzirki zaman tejribesiniň görkezişi ýaly, keseli bejermekden, onuň öňüni almagyň ähmiýetlidigini belläp, dürli keselleriň, şol sanda adamlaryň dişiniň sagdynlygyna zyýan berýän näsazlyklaryň öz wagtynda öňüniň alynmagy babatda ähli zerur tagallalaryň edilmelidigine ünsi çekdi we bu babatda degişli ýolbaşçylara birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Şeýle-de Gahryman Arkadagymyz gurluşygy alnyp barylýan desgalarda ýokary hil derejesiniň üpjün edilmegi, binalaryň bellenilen möhletlerde ulanmaga tabşyrylmagy we şäheriň abadançylyk derejesiniň ýokary görkezijilere laýyk gelmegi bilen baglanyşykly meseleleriň hemişe üns merkezinde saklanmalydygyny aýtdy.

# MILLI LIDERIMIZIŇ SAPARLARY – DOSTLUK ÝOLY

***Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde halkara gatnaşyklar ulgamyndaky ornunyň ähmiýeti has-da artýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sebit we sebitara hyzmatdaşlyk yzygiderli ösdürilýär. Şonuň netijesinde Türkmenistan bütin dünýäde uly abraýa mynasyp bolmak bilen, halkara gatnaşyklar ulgamyndaky ornuny barha berkidýär.***

Halkara hyzmatdaşlygynyň işjeňleşdirilmeginde Gahryman Arkadagymyzyň amala aşyrýan daşary ýurt saparlarynyň ähmiýeti örän uludyr. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Monako Knýazlygynda saparda boldy, şeýle hem Gazagystan Respublikasyna, Gyrgyz Respublikasyna we Özbegistan Respublikasyna dostlukly saparlary, Fransiýa Respublikasyna resmi sapary we Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.

Goňşy ýurtlar bilen köpugurly gatnaşyklary ösdürmek Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Doganlyk halklaryň taryhy, medeni we ruhy gymmatlyklarynyň umumylygyna esaslanýan türkmen-gazak, türkmen-gyrgyz hem-de türkmen-özbek gatnaşyklary hem yzygiderli ösdürilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň doganlyk türki ýurtlara – Gazagystana, Gyrgyzystana, Özbegistana amala aşyran dostlukly saparlary hem bu hakykaty dolulygyna açyp görkezdi. Beýik Ýüpek ýolunyň gadymy yzlaryny yzlap, bu ýurtlaryň Türküstan, Çolpon-Ata, Samarkant şäherlerine amala aşyrylan saparlara diňe resmi däpleriň däl-de, medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň hem umumylyklaryny has-da giňden şöhratlandyrmaga mümkinçilik döretdi. Şoňa görä-de, «dostluk saparlary» diýlip atlandyrylan bu saparlar hem özara, hem sebitleýin hyzmatdaşlygyň ýyl ýazgysynda diňe bir syýasy-diplomatik wakalar bolman, eýsem, doganlyk halklaryň hyzmatdaşlygynyň ýyl ýazgysynda möhüm waka hökmünde orun aldy.

Ýewraziýanyň merkezinde ýerleşýän Gazagystan bilen Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi bolan Türkmenistany köpasyrlyk taryhyň, medeniýetleriň we ruhy däpleriň umumylygy birleşdirýär. Şol umumy gymmatlyklardan gözbaş alýan döwletara gatnaşyklar bu gün strategik hyzmatdaşlyk derejesinde ösdürilýär. Türkmenistan bilen Gyrgyz Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar ozaldan gelýän arabaglanyşygy saklamakdan başlap, hyzmatdaşlygyň strategik häsiýete eýe bolan täze görnüşlerini kemala getirmäge çenli ýoly geçdi. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň we Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň Çolpon-Ata duşuşygy ýurtlarymyzyň arasyndaky okgunly ösýän syýasy dialogyň üstünlikli dowam etdirilýändigini aýdyň görkezdi. Türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň uly geljegi nazarlaýandygy baradaky hakykat Gahryman Arkadagymyzyň we Prezident Şawkat Mirziýoýewiň bilelikde yzygiderli geçirýän duşuşyklaryndan hem aýdyň görünýär. Gahryman Arkadagymyzyň bu gezekki sapary dost-doganlyk gatnaşyklarynyň gymmatyny has-da artdyrdy. Gahryman Arkadagymyza «Ýokary derejeli dostluk» («Oliý Darajali Dustlik») ordeniniň gowşurylmagy saparyň hem-de türkmen-özbek gatnaşyklarynyň taryhynda hiç haçan unudylmajak ajaýyp wakalaryň biri boldy.

Fransiýa Respublikasy – Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşiginiň çägindäki hyzmatdaşlyk edýän döwletleriniň biri. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň bu dostlukly ýurda amala aşyran resmi sapary bolsa bu günki gün türkmen-fransuz hyzmatdaşlygynyň täze sepgitlere çykýandygynyň aýdyň güwäsidir. Saparyň barşynda gol çekilen möhüm resminamalaryň hatarynda geljegi uly ugurlar bolan nebitgaz toplumy, hemra-aragatnaşyk tehnologiýalary, ulag, gurluşyk, suw serişdeleri, himiýa hem-de derman senagaty, oba hojalygy bilen birlikde, bilim we medeniýet ulgamlaryna degişlileri hem bar.

Gahryman Arkadagymyzyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş sapary Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň möhüm wakasy bolup, «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum 2025» XVI halkara ykdysady forumyna gatnaşmagy bu ýolda ýene-de bir ynamly ädime öwrüldi, hoşniýetli hyzmatdaşlygyň taryhyna täze sahypany ýazdy. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň özara bähbitli ugurlarda tagallalary birleşdirmek, bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin açyk meýdança hökmünde ykrar tapan bu halkara foruma, üçünji gezek gatnaşmagy Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasynyň sebitleri, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza döwletler bilen ykdysady, ylmy-tehniki, medeni-durmuş ugurlary boýunça hyzmatdaşlygy berkitmäge ygrarlydygyny ýene bir gezek tassyklaýar. Gahryman Arkadagymyzyň RF-niň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow bilen duşuşygy, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin bilen telefon arkaly söhbetdeşligi bolsa şol hyzmatdaşlygyň uzak geljege gönükdirilendigine, onuň yzygiderli ösdürilmegine iki tarapyň hem ynam-yhlasynyň uludygyna ýene bir gezek göz ýetirmäge mümkinçilik berdi.

**Amantäç BERDIHANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň adam anatomiýasy, tipografik anatomiýa we operatiw hirurgiýa kafedrasynyň uly mugallymy.*

# MEDENIÝET HEPDELIGINIŇ MÖHÜM ÇÄRELERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şol gün Änew şäherindäki medeniýet öýünde Ahal welaýatynyň ýörite sungat we çagalar sungat mekdepleriniň döredijilik toparlarynyň bilelikdäki konserti hem boldy. Hepdeligiň dowamynda Änew şäheriniň, Bäherden, Gökdepe etraplarynyň medeniýet öýlerinde Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap, Mary welaýatlarynyň medeniýet-sungat ussatlarynyň, aýdym-saz, tans toparlarynyň, çagalar döredijilik toparlarynyň çykyşlary geçirildi.





Şeýle-de Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gara Seýitliýewiň doglan gününiň 110 ýyllygyna hem-de şahyr Mämmet Seýidowyň doglan gününiň 100 ýyllygyna bagyşlanyp, «Halypa şahyrlara hormat» atly aýdym-sazly döredijilik duşuşygy geçirildi. Duşuşyga gatnaşyjylar şahyrlaryň ömür we döredijilik ýoly barada söhbet edip, olaryň döreden eserleriniň ýaş nesilleri terbiýelemekde, medeni gymmatlyklary täze mazmun bilen baýlaşdyrmakda uly ähmiýete eýedigini bellediler. Nygtalyşy ýaly, çuňňur pikirleri bilen tapawutlanýan, şahyryň ýokary söz ussatlygyndan dörän şol eserlerde watançylyk temasy mynasyp wasp edilýär. Olaryň köpüsine sazlaryň düzülmegi bilen, halk arasynda söýlüp diňlenilýän aýdymlar döräpdir.

2025-nji ýylyň Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde meşhur ýerine ýetirijileriň we ýaş zehinleriň çykyşlary, surat, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň, golýazmalaryň, saz gurallarynyň sergileri, opera we teatr eserleriniň, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi tarapyndan düşürilen täze filmleriň görkezilişi, usulyýet çäreleri, okuw maslahatlary, metbugat maslahaty, aýdym-sazly, edebi döredijilik duşuşyklary, şygryýet agşamlary guraldy. Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde guralan çäreler diňe bir milli medeniýetimiziň dürli ugurlaryny görkezmek bilen çäklenmän, eýsem, milli mirasymyzy düýpli öwrenmek, dünýäde wagyz etmek we geljek nesillere ýetirmek maksady bilen, onuň ägirt uly mümkinçiliklerini açmak üçin möhüm ugurlary kesgitlemäge hem ýardam berdi.

# BEÝIK AKYLDARA GOÝULÝAN BELENT SARPA

***«Magtymguly Pyragy adamzada tämiz ruhly, sagdyn ahlakly, şirin zybanly ajaýyp şygyrlary miras galdyran akyldar şahyrdyr. Bu günki gün adamzat türkmen halkynyň beýik akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň hatyrasyny belentde tutup, beýik söz ussadynyň şygyrlaryndan egsilmez ylham, ruhy güýç alýar» diýip beýik akyldara ýokary baha berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen edebi mirasymyz we Magtymguly Pyragynyň döredijiligi hemmetaraplaýyn çuňňur öwrenilýär. Şeýle uly hormatyň netijesinde şahyryň sarpasy öňküden-de belende galýar.***

Gahryman Arkadagymyzyň Magtymguly Pyraga bagyşlap döreden «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly çeper-filosofik goşgusy beýik türkmen oglunyň sarpasynyň belentdiginiň ýene-de bir aýdyň subutnamasydyr. Halkyň hormatyny aňladýan heýkele öwrülip, Köpetdagyň etegindäki belentlikde ör boýuna galan beýik şahyryň waspy Gahryman Arkadagymyzyň şahyrana setirlerinde şeýle wasp edilýär:

***Hemişe we hemme ýerde şol bir Magtymguludyr,***
***Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.***
***Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy.***

Geçen ýyl şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy halkara derejesinde bellenildi we Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren baý hem-de gymmatly edebi mirasy giňden öwrenildi hem-de gymmatly goşgulary dünýä dillerine terjime edildi.

Her ýylyň 27-nji iýunynda bolsa, ýurdumyzda Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni giňden bellenilýär. Munuň özi medeniýet, sungat işgärlerine belent sarpadan nyşandyr, Magtymgulynyň paýhas dünýäsine tagzym etmekdir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabynda Gahryman Arkadagymyzyň beýik şahyryň sarpasyny belent tutýandygy barada şeýle diýilýär:



– Alym Arkadagymyz Gündogaryň nusgawy we türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň dünýä ýüzünde giňden tanalmagynda ägirt uly işleri bitirýär. Özüniň Magtymguly baradaky ylmy-edebi işleri bilen magtymgulyşynaslyk ylmynyň ösmegine uly goşant goşdy, onuň dünýä ýüzünde öwrenilmegine giň mümkinçilikleri döretdi.

Magtymguly Pyragynyň eserlerini öwrenmekde, onuň pähim-parasada püre-pür sözleriniň manysyny tirmekde Gahryman Arkadagymyzyň döreden eserleriniň hem örän uly ähmiýeti bardyr. Ol eserlerde Magtymguly Pyragy hakda aýdan sözleri bize täze pikirleri berýär. Täze pikirler bolsa täzeçe çemeleşmeleri ýadymyza salýar. Şeýdibem Magtymguly Pyraga düşünmek, ussadyň ägirtligine akyl ýetirmek üçin täze we üýtgeşik ýollary tapyp bolýar.

Hakykatdan hem, Gahryman Arkadagymyzyň atalyk kitaplarynyň mazmunyny Magtymguly Pyragynyň goşgularyna eýlemegi beýiklikden nyşandyr. Bu günki gün ýaşlaryň gymmatly gollanmasy bolan Gahryman Arkadagymyzyň atalyk kitaplary Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň mazmuny bilen utgaşanda nesilleri milli ruhda terbiýelemekde gymmatly ruhy baýlyk bolup durýar.

**Emir MOMMYÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň iňlis filologiýasy kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 27-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116603
Belgisi: 26/1644
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!









# ARKADAG ŞÄHERI — DÖWREBAP ÖSÜŞLERIŇ NUSGASY

**Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly döredijilik we ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan berkarar Watanymyzyň durmuş-ykdysady taýdan kuwwatly döwletdigini bütin dünýä äşgär edýär. Döwletimiziň kuwwatly ykdysadyýetiniň ähli ulgamlarynda, şol sanda şähergurluşyk pudagynda ýetilen sepgitler hem munuň aýdyň beýanydyr. Eziz Diýarymyzyň, mähriban halkymyzyň nurana geljegini nazarlaýan şeýle asylly işler Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň ady we hemmelere nusgalyk tejribesi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Milli Liderimiziň döredijilik paýhasy halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga, ata Watanymyzyň abraý-mertebesini mundan beýläk hem pugtalandyrmaga gönükdirilen ähli ugurlarda, şeýle hem ägirt uly gurluşyk taslamalarynda öz beýanyny tapýar.**

**Gahryman Arkadagymyzyň irginsiz aladasy, ýadawsyz tagallasy, uly yhlasy bilen gurlan, täze eýýamyň ösüşlerini aýdyň şöhlelendirýän Arkadag şäheriniň mysalynda-da türkmen halkynyň täze taryhynyň şan-şöhratyna, mümkinçiliklerine, asyrlara ýaň salyp, nesilleri belent derejelere ýetirjek güýç-kuwwatyna göz ýetirýäris.**

**Türkmen halkynyň Milli Lideriniň asylly başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiz tarapyndan mynasyp dowam etdirilmegi netijesinde, Arkadag şäheri halkymyzyň durmuşy, zähmet çekmegi, dynç almagy üçin iň kämil we amatly, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän şäherleriň birine öwrüldi. Köpetdagyň eteginde döredilen bu şäher diňe bir ýurdumyzyň obalary we şäherleri üçin däl, eýsem, goňşy sebitler üçin hem ekologiýa abadançylygynyň nusgasy bolup durýar. Bu ýerde gurlan sanly ulgam esasynda iş alyp barýan edara-kärhanalar, durmuş maksatly desgalar, döwrebap elektrobuslary we elektro taksileri öz içine alýan ulag-kommunikasiýa ulgamy ekologik gurşawyň abadançylygyny üpjün edýär.**

**Öňdebaryjy binagärlik-gurluşyk çözgütleri, täze sanly tehnologiýalar, kompýuter tilsimatlary esasynda bina edilýän şäherler, döwrebap binalar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň belent sepgitlerini, ösüş-özgerişini dabaralandyrýar.**

**Gahryman Arkadagymyzyň halkymyzyň eşretli, sapaly durmuşyny, nurana geljegini hem-de her bir adamy döwletiň gymmatly baýlygy hökmünde öňe çykaryp, ýurdumyzda gurulýan her bir desganyňdyr binanyň, şeýle hem Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny alamatlandyrýan täze şäherleriň gurluşygynda, esasan, ilatyň erkin, döwrebap şertlerde, oňaýly gurşawda ýaşamagyny gazanmagy çuňňur alada etmegi örän buýsandyryjydyr. Biz muňa Milli Liderimiziň döwlet ähmiýetli Arkadag şäheri boýunça yzygiderli amala aşyrýan iş saparlaryndan hem aýdyň göz ýetirýäris.**

## «Akylly» şäher: döwrüň depginli ösüşi

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryndan we hormatly Prezidentimiziň tagallalaryndan binýat bolan Arkadag şäheri ösüşiň belentliklerine tarap ynamly gadam urýar. Ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda bolşy ýaly, şäheriň gurluşyk senagatynda amala aşyrylýan işler hem häzirki döwrüň talabyna doly laýyk gelýär. «Akylly» şäher konsepsiýasy esasynda bina bolan şäherde milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesi utgaşdyrylýar.

Häzirki wagtda milli binagärligiň iň gowy däpleriniň we bu ugurda häzirki zaman ýörelgeleriniň sazlaşykly utgaşdyrylmagy esasynda şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşygy alnyp barylýar. Onuň durmuşa geçirilmegine ýurdumyzyň 50-den gowrak kärhanasy we hususy telekeçiler gatnaşýarlar. Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyz şäheriň gurluşyklarynyň ýokary hil derejesine, ýerli çig mal serişdeleriniň netijeli ulanylmagyna, häzirki zamanyň ösen tejribesine esaslanylmagyna uly ähmiýet berýär. Gurluşykda hiç bir ugruň ünsden düşürilmeli däldigini, şoňa görä-de, Arkadag şäheriniň gurluşygy, binalardyr desgalaryň enjamlaşdyrylyşy bilen baglanyşykly meseleleriň yzygiderli gözegçilikde saklanylmalydygyny nygtaýar. Yzygiderli amala aşyrýan iş saparlarynyň dowamynda durmuş we önümçilik maksatly binalaryň gurluşyklarynda ýokary hil derejesiniň üpjün edilmeginiň we desgalaryň bellenilen möhletlerde tamamlanmagynyň möhüm talap bolup durýandygyna ünsi çekýär.

Arkadag şäherinde häzirki wagtda Gün panelleri arkaly gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden elektrik energiýasyny öndürmek maksady bilen täze tehnologiýalary ornaşdyrmak işleri üstünlikli dowam etdirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň ak pata bermeginde şäherde 4G+ ýokary tizlikli internet ulgamynyň işine badalga berildi. Bu tehnologiýa 4G LTE tehnologiýasyna seredeňde iki esse artykmaç bolup, 300 Mbit/sek tizlikde maglumat çalşygyny amala aşyrmak mümkinçiligine eýedir.

Gahryman Arkadagymyz häzirki zaman şähergurluşyk hem-de milli binagärlik ýörelgeleri özünde jemleýän şäheriň gurluşygynyň, alnyp barylýan işleriň ekologik talaplara laýyk gelmegine uly üns berýär. Şol jähetden «akylly» şäherde öňdebaryjy tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak, täze senagat pudaklaryny döretmek bilen baglanyşykly işlerde, gurluşyk, ulag we aragatnaşyk, ylym-bilim, medeniýet, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk, durmuş üpjünçiligi ulgamlarynda giň gerimli toplumlaýyn özgertmeler geçirilýär. Häzirki wagtda şäheri synlanyňda, göwnüň galkynýar. Onda giň we ýagty otaglary, içinde ähli amatlyklary bolan, sanly ulgamyň mümkinçilikleri ulanylýan enjamlar bilen üpjün edilen ýaşaýyş jaýlary bina edilen. Döwrüň talabyna laýyk gelýän çagalar baglary, multimediýa enjamlary bolan umumybilim berýän orta mekdepler, iň häzirki zaman tehnikalary ornaşdyrylan hassahanalar we saglyk öýleri, sport, medeni, söwda maksatly binalar bagtyýar raýatlaryň sapaly döwrümiziň hözirini görüp ýaşamaklary üçindir. Şäherde döwrebap ýollar, geçelgeler gurlup, ähli binalaryň daş-töwereginiň abadanlaşdyrylmagy, agaç nahallarynyň, dürli gülleriň oturdylmagy, durmuş hyzmaty ulgamynyň ýola goýulmagy şäher ilatynyň eşretli durmuşda bagtyýar ýaşamaklaryna gönükdirilendir.




## ILKINJI «AKYLLY» ŞÄHER

Türkmen ýurdunda ilkinji gezek «akylly» şäher guruldy. Ol Merkezi Aziýada durmuş infrastrukturasy elektronlaşdyrylan ýeke-täk şäherdir. Ýaşaýyş jaýlaryny, dolandyryş, bilim, medeni we saglygy goraýyş edaralaryny, söwda-dynç alyş merkezlerini, seýilgähleri — dürli maksatly desgalaryň we binalaryň 336-syny özünde jemleýän innowasion şähergurluşyk taslamasynyň birinji tapgyry bary-ýogy dört ýyldan gowrak wagtyň içinde amala aşyryldy. Türkmenistanyň Kanuny esasynda bu ajaýyp şähere döwlet ähmiýetli şäher diýen hukuk derejesi berildi.

Aşgabatdan 30 kilometr günorta-günbatar uzaklykda, Köpetdag bilen Garagum sährasynyň arasynda — ajaýyp dag eteginde gurlan Arkadag şäheri 2023-nji ýylyň 29-njy iýunynda açyldy. Onuň açylyş dabarasyna daşary ýurtly myhmanlaryň 300-den gowragy gatnaşdy.

Täze şäherde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň, Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň, Döwletmämmet Azady adyndaky kitaphananyň, Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň, Sahy Jepbarow adyndaky ýörite sungat mekdebiniň, Şükür bagşy adyndaky çagalar sungat mekdebiniň, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň, Aman Gulmämmedow adyndaky döwlet drama teatrynyň binalary hem-de medeniýet we sungat işgärleri üçin ýaşaýyş jaýlary guruldy. «Arkadag» teleýaýlymy, «Arkadag» gazeti we «Arkadag» futbol topary döredildi.

«Akylly» şäher konsepsiýasy esasynda edara we durmuş maksatly desgalar, has oňaýly ýaşaýyş jaýlary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, banklaryň şahamçalarynyň, Arkadag şäheriniň döwlet arhiwiniň binalary guruldy.

Arkadag şäherinde halkara ölçeglere laýyk gelýän köpşahaly ýol-ulag düzümi bar. Giň şaýollar, köçeler we halkalaýyn çatryklar häzirki zaman yşyklandyryş, wideogözegçilik, dolandyryş ulgamlary bilen üpjün edilipdir. Hususan-da, «Intelligent Transportation System» (ITS) ulag ulgamlaryny düzmekde we ulag akymlaryny düzgünleşdirmekde innowasion işläp taýýarlamalar ulanylýar.

Täze elektrobuslar we elektromobil taksiler Arkadag şäheriniň ýaşaýjylary hem-de myhmanlary üçin ýokary hilli, medeniýetli hyzmaty üpjün edýär. «Duralga» we «Ynamly taksi» ýaly programmalary ulanmak üçin QR-kod hyzmaty döredildi. Ýol töleglerini we onlaýn buýurmalaryny nagt däl görnüşinde amala aşyrmak üçin terminallar göz öňünde tutulypdyr.

Arkadag şäherinde ýerleşen «akylly» awtoduralgalaryň we elektroulaglar üçin güýç beriji stansiýalaryň işine ýörite abzallaryň hem-de döwrebap maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň kömegi arkaly gözegçilik edilýär we kadalaşdyrylýar.

«Akylly» öý tehnologiýalary ulanylyp gurlan döwrebap 5, 7 we 9 gatly, köp öýli ýaşaýyş jaýlary, 2 gatly kottejler Arkadag şäheriniň aýratynlygydyr. Öýi dolandyrmagyň intellektual ulgamy internet tory arkaly öýleriň durmuş üpjünçiliginiň, howpsuzlygynyň ähli ugurlarynyň awtomatik we sazlaşykly işini üpjün edýär. Şunuň netijesinde, öýleri we hojalyk işlerini aralykdan, mysal üçin, smartfonyň kömegi bilen dolandyryp bolýar. Öňdebaryjy tehnologiýalar toguň, agyz suwunyň we tebigy gazyň sarp edilişini hasaba almaga mümkinçilik berýär.

Täze şäherde optiki-süýümli kommunikasion ulgamyň ornaşdyrylmagy ýokary tizlikli interneti ulanmaga mümkinçilik berdi. Ýokary hilli öýjükli aragatnaşygy üpjün etmek üçin 4G enjamlarynyň toplumy işe girizildi.

Arkadag şäherinde ilkinji gezek täze «123» gullugy işe girizildi. Munuň özi degişli dessin gulluklary, şol sanda, gaz we ýangyn howpsuzlygy, «Tiz kömek» gulluklaryny çagyrmagyň bitewi belgisidir.

Innowasion şäher gurluşygynyň ykrar edilen nusgasy bolan täsin şäher iň soňky maglumat tehnologiýalarynyň we özboluşly binagärlik çözgütleriniň toplumyny özünde jemleýär. Şunda Arkadag şäheriniň halkara guramalaryň, belli daşary ýurt kompaniýalarynyň 40 töweregi güwänamasyna we diplomlara mynasyp bolandygyny aýratyn bellemek gerek.

## Döwrebap senagat toplumy emele gelýär

Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygynyň çäklerinde diňe bir durmuş düzümli desgalar däl, döwrebap senagat toplumyny emele getirjek önümçilik kärhanalary hem bar. Bu ýerde Arkadag şäheriniň medisina klasteriniň birinji tapgyrynyň gurluşygyna girişildi. Hormatly Prezidentimiz 10-njy ýanwarda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde degişli Karara gol çekdi. Resminamada görkezilişi ýaly, gurluşyk işlerine 2025-nji ýylyň ýanwar aýynda başlap, desgalaryň doly ulanyşa taýýar görnüşde tabşyrylmagy 2027-nji ýylyň ýanwar aýyna meýilleşdirilýär. Bu desgany ýerli we daşary ýurt kärhanalary bilelikde gurarlar. Medisina klasteri üçin 220/110/10 kWt elektrik kömekçi bekediniň gurluşygyna hem badalga berildi.

Şeýle-de bu şäherde halyçylyk fabriginiň hem-de Türkmen halysynyň we el iş önümleriniň Milli muzeýiniň, Çagalar dynç alyş seýilgähiniň, Arkadag şäheriniň metjidiniň, öňdebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylan suw üpjünçilik, lagym suwuny, ýagyş suwuny aýyrmak we beýleki aragatnaşyk ulgamlarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň we kottejleriň gurluşyklary ýokary depginde dowam edýär.

Döwri beýik işler, milleti milli buýsanç beýgeldýär. Arkadag şäheri hem Milli Liderimiziň taryhyň öňünde bitiren uly hyzmatydyr. Arkadag şäheri müňýyllyklaryň jümmüşinden gözbaş alýan we täze özgertmeler eýýamynda mynasyp dowam etdirilýän, döwürleriň arabaglanyşygyny, nesilleriň dowamatlylygyny, eziz Watanymyzyň saýlap alan döredijilik ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny görkezýän ýurdumyzyň şöhratly taryhynda ýene-de bir aýdyň sahypadyr.

## Şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşygy dowam edýär

Häzir hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda we Milli Liderimiziň yzygiderli ünsgoldaw bermeginde şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşygy dowam edýär. Oňa Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ministrlikleriň gurluşykçylary işjeň gatnaşýarlar. Döwlet Baştutanymyzyň: «Arkadag şäheri döwrebap desgalary bilen taryhymyzyň altyn sahypalaryna ýazylar» diýip belleýşi ýaly, ol, hakykatdan-da, Watanymyzyň beýik ösüş ýoly bilen ynamly we okgunly öňe barýandygyny görkezýär. Arkadag şäheri ýurdumyzyň gazanýan üstünlikleriniň aýdyň mysalydyr. Ol Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň belent döredijilik ruhunyň, giň mümkinçilikleriniň we ykdysady kuwwatynyň nyşanydyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine ýygy-ýygydan iş saparlaryny amala aşyryp, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşynyň bähbidine bu ýerde alnyp barylýan giň gerimli işleri yzygiderli gözegçilikde saklaýar hem-de özüniň gymmatly maslahatlaryny berýär.

Gahryman Arkadagymyz iş saparlarynda alnyp barylýan gurluşyk işlerinde hiç hili ownuk zadyň ýokdugyny nygtap, binalaryň bezeg aýratynlyklaryna, üpjünçiligine hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilmelidigi, desgalaryň häzirki döwrüň ruhy bilen sazlaşmalydygy baradaky öwüt-nesihatlary berýär. Şonuň netijesinde ýurdumyzyň gurluşyk pudagyna ägirt uly maýa goýum serişdeleri gönükdirilýär, netijeli maýa goýum ýagdaýynyň döredilmegi bilen öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalary, gurluşyk serişdelerini, ýörite tehnikalary we enjamlary öndürijiler işjeň çekilýär. Gahryman Arkadagymyzyň dünýäniň belli kompaniýalarynyň ýolbaşçy düzümleri bilen yzygiderli duşuşyp, özara bähbitli gatnaşyklary, ikitaraplaýyn netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek, halkyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmak, «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň binagärlik-gurluşyk keşbini has-da özgertmek boýunça bilelikdäki tagallalary işjeňleşdirmek boýunça gazanylýan ýlalaşyklar hem aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:**
**— KITAPLAR GEÇMIŞ BILEN GELJEGIŇ HEM-DE HALKLARYŇ WE ÝÜREKLERIŇ ARASYNDAKY BAGLANYŞYGY ÜZMÄN SAKLAP DURAN BAHASYZ MIRAS HASAPLANYLÝAR.**

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ ESERLERI – DURMUŞ MEKDEBINIŇ GÖRELDESI

**Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz özüniň döwet galamynyň miwesi bolan ençeme ajaýyp kitaplary türkmen halkyna peşgeş berdi. Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynda durmuş mekdebiniň ýörelgeleri, türkmen halkynyň taryhy we geljegi baradaky garaýyşlar öz beýanyny tapýar. Milli Liderimiziň jöwher paýhasynyň miwesi bolan pähim-paýhasa ýugrulan kitaplary türkmen halkynyň ýan kitabyna öwrülip, dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň ykrarnama eýe bolýar. Gahryman Arkadagymyzyň dürdäne eserleri türkmen edebi dilini baýlaşdyrmak bilen bir hatarda, türkmen halkynyň milli ruhy-medeni gymmatlyklaryny we ýörelgelerini ösdürmekde uly orny eýeleýär. Bu gymmatly kitaplaryň diňe bir türkmen dilinde däl, eýsem, rus, iňlis we dünýäniň dürli dillerinde neşir edilmegi, dost-doganlygy, halkara gatnaşyklary berkitmek bilen bir hatarda, dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döredýär. Gahryman Arkadagymyzyň kitaplary her bir okyjyda, esasan hem, ýaş nesillerde çuňňur pelsepewi pikirleri döredip, Watana, ene topraga we halkymyza bolan çäksiz söýgini kemala getirýär.**






















Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Älem içre at gezer», «Döwlet guşy» atly romanlarynda ruhy baýlygymyzyň genji-hazynasy bolan milli we medeni mirasa hormat goýmak duýgusy ýokary belentlige galýar. «Älem içre at gezer» atly romanynda türkmen halkynyň geçmişi, ýaşaýyş-durmuşy, şeýle hem eseriň baş gahrymany Berdimuhamet Annaýewiň çagalaryň bilim almagy ugrunda bitiren hyzmatlary rowaýatdyr tymsallaryň üsti bilen örän täsirli we çeperçilikli beýan edilýär. Romanda dürli meseleler bilen birlikde, kitap okamaga bolan çagyryş mynasyp orun eýeleýär.

Edep-terbiýä ýugrulan «Döwlet guşy» atly romanynda watançylyk, zähmetsöýerlik, dost-doganlyk, tutanýerlilik, lebzihalallyk, ruhubelentlik ýaly adam ahlagyny bezeýän edep-terbiýe kadalary ussatlyk bilen beýan edilýär. Eserde Mälikguly Berdimuhamedowyň – ýaş ýetginjek oba oglanynyň aşa zehinlidigi, ýukaýürekliligi, bagty päk zähmetden gözleýändigi, il-gününe, Watanyna bolan päk söýgüsi, kynçylyklara döz gelşi we bitiren hyzmatlary ussatlyk bilen okyja ýetirilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly kitabynda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň dünýä yklymyndaky abraýy hakynda parasatly hem-de many-mazmuna baý gymmatly pikirler beýan edilýär. Kitapda Magtymguly Pyraga bagyşlanan, dürdänelerden düzülen, ýakut röwüşli, çuňňur pelsepewi taglymaty özünde jemleýän 100-e golaý toplumlaýyn jümleler türkmen, iňlis we rus dillerinde berilýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Medeniýet halkyň kalbydyr» atly kitabynda edebiýatyň döwür hem-de durmuş hakykaty, taryhy we çeper keşpler bilen baglanyşygy, olaryň durmuş bilen bir bitewi göwredigi ylmy taglymatlar esasynda açylyp görkezilýär. Kitapda türkmen halkynyň milli gymmatlygy bolan «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» şadessanlaryna ýüzlenmek bilen, halkyň geçmiş taryhy, türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleri, türkmen medeniýetiniň ösüşi we häsiýetli aýratynlygy, özboluşlylygy delillere salgylanmak bilen çeper beýan edilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmen medeniýeti» atly kitabynyň hem medeni-milli, edebi-taryhy ähmiýeti örän uly. Bu kitapda ýurdumyzyň raýatlarynyň öz ýaşaýan ýerini, onuň edebiýatyny, gadymy hem beýik taryhyny has içgin gyzyklanyp öwrenýändigi we olary goramaga, aýap saklamaga işjeň gatnaşýandygy bellenilýär. Milli mirasy aýawly saklamak wezipesiniň her bir ynsanyň Watanyna söýgüsinden, sarpasyndan wysal bolýandygy aýdylýar. Bu kitapda taryhy-medeni ýadygärlikler, ylym-bilim bilen meşgullanan taryhy şahsyýetler, edim-gylymlar aýratyn orny eýeleýär. Gahryman Arkadagymyzyň bu eserinde ata-babalarymyz, ene-mamalarymyz tarapyndan döredilip, şu günlere çenli kämillik ýoluny geçen milli däp-dessurlar, hoşniýetli gatnaşyklar mukaddeslik derejesine ýetirilýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabynda parahatsöýüjilikli, ynsanperwer gatnaşyklara we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgesine uly ähmiýet berilýär. Kitapda türkmen halkynyň taryhy, medeniýeti, däp-dessury, aýdym-sazyň gudraty bilen baglanyşykly jümlelerdir rowaýatlar getirilýär. Şol rowaýatlaryň biri hem Şükür bagşynyň eline dutaryny alyp, parahatçylykly ýol bilen doganyny ýesirlikden boşatmaga gidişi baradaky rowaýatdyr. Kitapda dutaryň güýji we aýdym-saz sungatynyň türkmen halkynyň durmuşynda tutýan orny barada gyzykly maglumatlar getirilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar» atly kitabynda halk döredijiliginiň nakyllar, atalar sözi ýaly görnüşleri çeper tär hökmünde inçeden işlenilýär. Jygaly begiň Görogla berýän öwüt-ündewleri, Gorkut atanyň öwütleri, Magtymguly Pyragynyň watançylyk ýörelgeleri çeper beýan edilýär. Bu kitapda Hakdan içen beýik şahsyýetlere uly hormat goýulýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Mertler Watany beýgeldýär» atly kitabynda Oguz han atamyzdan gaýdan asuda durmuş, parahatçylyk ýörelgesi has kämilleşýär. Kitapda ýaňy şinelän we täze dörän taglymatlar, ruhy galkynyşlar, Watan, watansöýüjilik, ynsanperwerlik ýaly garaýyşlar esaslandyrylýar. Bu asylly ýörelgelerde çuňňur many-mazmuna eýe bolan asudalyk, parahatçylyk ýaly garaýyşlar giň beýanyny tapýar.

Gahryman Arkadagymyzyň türkmen taryhyna bagyşlanan «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eseriniň birinji kitabynda taryhy maglumatlar özüniň giňişleýin beýanyny tapýar. Kitapda beýik taryhy şahsyýetleri hem-de olaryň üstünliklerini öwrenmekde gymmatly maglumatlara ýokary derejede üns berilýär. Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen gatnan kerwenler, bu ýoluň ugrunda ýerleşýän şäherler, şeýle hem kerwen arkaly medeniýetleriň, däp-dessurlaryň we taryhy maglumatlaryň dünýä ýaýraýşy barada gyzykly maglumatlar berilýär. «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly ajaýyp eseriň ikinji kitabynda çuňňur pelsepä ýugrulan pikirler we taryhy maglumatlar giňden beýan edilýär. Bu kitapda asyrlaryň dowamynda dünýäde täsin taryhy wakalaryň, özgerişlikleriň bolandygyny goja taryhyň tejribesi esasynda açylyp görkezilýär.

Milli Liderimiziň her bir maşgala üçin gymmatly çeşme bolan «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaplarynda halk lukmançylygynda ulanylýan dermanlyk ösümlikler barada giňişleýin maglumat berilýär. Häzirki wagta çenli XVI jildi giň okyjylar köpçüligine ýetirilen lukman Arkadagymyzyň ylmy-ensiklopedik eserinde dermanlyk ösümlikleriň atlarynyň türkmençe, latynça, rusça sözlügi getirilip, dermanlyk çig mallaryny ýygnamaklygyň senenamasy tanyşdyrylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň türkmen edebiýatyny baýlaşdyran «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitaby edebi çeşmeleri ylmy esasda öwrenmäge ýardam edýär. Kitapda milli edebiýatyň jemgyýetdäki orny beýan edilmek bilen, ata-baba ýol-ýörelgelerine, edim-gylymlaryna, akyldarlaryň dürdäne pikirlerine salgylanylýar. Türkmen halkynyň edebi mirasyny dikeltmek, milli medeniýetini we edebiýatyny ösdürmek, kämilleşdirmek, halkara gatnaşyklary, edebi hyzmatdaşlygy berkitmek ýaly döwrüň möhüm meseleleri kitabyň gymmatyny artdyrýar. Mertlik, myhmansöýerlik, dostluk, parahatçylyk, Watan mukaddesligi, agzybirlik, ylym-bilim, zähmetsöýerlik, durmuş bilen baglanyşykly rowaýatlardyr tymsallar kitabyň many-mazmunyny baýlaşdyrýar.

«Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitapda ene keramaty Watan mukaddesliginiň gudratyna siňýär, ene mähriniň Arşdan inişi beýan edilýär. Kitapda eneleriň ähli baýlygyň seresidigi, eneleriň çagalaryň ýüreginde ýaşaýandygy, eneler bilen dünýäniň abatdygy we asudadygy öz beýanyny tapýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynda türkmen halkynyň dünýä nusgalyk asylly ýörelgeleri bilen bir hatarda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň häzirki döwürde gazanýan ösüşleri, ýeten derejesi hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ömrüniň manyly menzilleri, durmuş ýoly baradaky maglumatlar beýan edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň kämil zehini bilen dörän bu eserinde örän möhüm başlangyçlar öňe sürülýär. Olarda mukaddes Garaşsyzlygymyz, hemişelik Bitaraplygymyz, ata-babalarymyzyň beýik işleri, türkmen topragynyň gülläp ösüşleri, saz, söz, sungat, medeniýet, parahatçylyk, dost-doganlyk, ynsanperwerlik, milli garaýyşlar, milli duýgy-düşünjeler, döwletlilik, syýasat, adalat, diplomatiýa, taryh hem miras, şu gün hem geljek hakynda söhbet edilýär.

Milli Liderimiziň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly edebi-filosofik eseri her bir adamyň durmuşyny dogry guramagy baradaky ugrukdyryjy gollanmadyr. Gahryman Arkadagymyz bu kitabynda durmuşyň dürli ugurlaryndan söz açyp, olara garaýyşlary barada ýazýar. Eserde halk döredijiliginiň, geçmişiň görnükli şahsyýetleriniň, filosoflaryň pähimli sözleriniň ulanylmagy hem-de edebi taýdan ussatlyk bilen beýan edilmegi kitabyň ähmiýetini has-da artdyrýar. Eserde durmuş ýörelgelerine we ahlak kadalaryna üns çekilýär. Bu kitap Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet guşy», «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym», «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar», «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi», «Ömrümiň manysy» ýaly eserleriniň logiki dowamydyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynda türkmen halkynyň umumadamzat medeniýetine goşan ägirt uly goşandy we dünýä taryhyndaky orny barada ylmy taýdan delillendirilen baý maglumatlar beýan edilýär. Gahryman Arkadagymyz bu eserinde türkmen topragynda ömür sürüp, yklymlaryň taryhy ösüşine goşant goşan meşhur serkerdeler, şalar, soltanlar, akyldarlar baradaky pikir-garaýyşlaryny halka ýetirýär. Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň ömri we döredijiligi, agzybir halkymyzyň şöhratly geçmişi, türkmen halkynyň dünýä siwilizasiýasyna goşan goşandy barada maglumatlar giňden beýan edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň «Taryha syýahat» we «Ruhy miras» atly iki bapdan ybarat «Hakyda göwheri» atly kitaby türkmen halkynyň milli mirasyny goramakda, ony geljek nesillere ýetirmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr.




*Gahryman Arkadagymyzyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabyndan.*

## PARAHAT ÝAŞAÝYŞ

Halkymyz hemişe parahat ýaşaýşyň goragynda bolup, öz köňlünde baryny ruhy baýlygynda şöhlelendiripdir. Şol sebäpli hem ruhy baýlygy şöhlelendirýän sazyň, sözüň, sungatyň mukaddesdigi, şol mukaddesliklere erk edip bilýän ynsanyň bihal däldigi baradaky ynam döreýär. Häzirki döwürde sag-aman ýaşaýyş, abadanlyk döwletimiziň baş maksadydyr. Döwletimiziň Bitaraplyk syýasatyndan gelip çykýan döwletara bähbitli hyzmatdaşlyklary ýola goýmak babatynda hem biz ata-babalarymyzyň parahatçylyk söýüjilikli taglymatlaryndan ugur alýarys. Munuň özi, aslynda gözel duýgularyň jemidir, doglan pursadymyzdan başlap gursagymyza guýlan asylly arzuwlaryň, oý-hyýallaryň, gözel duýgularyň jemidir. Şonuň üçinem men dünýäde parahatçylyk hakyndaky taglymatlaryň barha kämilleşmegini isleýärin.

Parahatçylyk, munuň özi sazlaşykly ýaşaýyşdyr. Sag-salamatlyk, abadan durmuş köňülleriň heňňamlara ýazan mukamydyr...




*Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabyndan.*

## TÜRKMENISTAN – BITARAPLYGYŇ MEKANY

Döwletara gatnaşyklary parahatçylykly ýol bilen berkitmek halkymyzyň Oguz han zamanyndan bäri ygrarly ýörelgesidir. Şol ýörelge häzirki günde döwrebap mazmunda Garaşsyz türkmen döwletiniň halkara gatnaşyklaryndaky üstünliklerinde wajyp orny eýeleýär. Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda taraplaryň bähbitlerini hiç bir babatda ünsden düşürmeýän ygtybarly hyzmatdaşdyr. Munuň özi döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli taglymatlarynyň aýdyň dabaralanmasydyr.

Dostluk, goňşuçylyk däp-dessurlary eziz Diýarymyzda dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmakda aýdyň ähmiýete eýedir.

Watanymyz dostlugyň, doganlygyň gülleýän bagtyýar mekanydyr. Biz bu mekana gonak bolup gelene ýagşy arzuwlarymyzy ýetirýäris. Halkymyzyň «Gelen – döwlet» diýen aýtgysynyň düýp manysy hem şondadyr. Häzirki döwürde gadymy ata-babalarymyzyň mährinden, sahawatyndan bina bolan dost-doganlyk köprüsi barha berkeýär.

Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany.
Eziz Diýarymyzda bu gün durmuş daragty gül açýar.
Goý, dünýäde dost-doganlyk has-da berkesin!
Mähriban ata-babalarymyzyň bize galdyran adalat ýoly dowamat-dowam bolsun!




*Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabyndan.*

## WATANÇYLYK TERBIÝESI

Akyldarlarymyz şeýle diýipdir: «Üç zada hyzmat eden owal-ahyrda bagtyýardyr: Hudaýa hyzmat eden; ene-ata hyzmat eden; Watana hyzmat eden». Bularyň ählisi hem biziň halkymyzda mukaddeslik saýylýar. Watan hyzmatyna berilmegem abraýly, jogapkärli, sylanýan-sarpalanýan amallaryň biri. Ynsan özüniň kämil bagtyny diňe öz Watanynda hasyl edip bilýär.

Watançylyk duýgusynyň has kämil kemala gelmegi üçin Watanyň gymmatyna düşünmegimiz gerek. Watanymyzyň taryhyny, geografiýasyny, halkymyzyň medeni gymmatlyklaryny doly we çuňňur mazmuny bilen bilmelidiris we ýaşlarymyza hem öwretmelidiris. Ençeme asyrlar mundan ozal ýaşap geçen ata-babalarymyzyň: «Taryhyny bilmeýän halkyň geografiýasyny kesekiler çyzar. Taryhyny unudan halkyň ykbalyny özgeler çözer. Taryhyňy unutmazlyk dowamata dowam bolmakdyr» diýen sözlerini unutmaly däldiris. Ýaşlarymyza nesihatym: «Halkymyzy bezän häsiýetler halkymyzy beýgelden häsiýetlerdir. Şol häsiýetleri özüňizde kämilleşdiriň!».

Bir gezek bilegi berdaşly, dogumy daglara bäs edýän, gözlerinden ot syçrap duran, gorky-ürkä per bermezek, her zähmete werziş bolan ýaş ýigitleriň biri Oguz hanyň huzuryna baryp: «Han aga, siziň gullugyňyza geldim. Ömrümi Watan wepasyna, halk hyzmatyna bagyş etmekçi» diýipdir. Oguz han ýaş ýigidi parasat nazary bilen synlap: «Ýeri, sen Watanyň hatyrasyna nämeleri başararsyň we nämelere taýýar?» diýip sorapdyr. «Buýran her bir zadyňyzy gaýra goýman berjaý etmäge, gerek bolsa, Watan üçin şirin jandan geçmäge taýýar» diýip, ýaş ýigit pert-pert jogap beripdir. «Ogul, sen ilki Watan üçin ýaşap bilýändigiňi görkez. Watan üçin serden geçmäge taýýardygyňa ynanarym ýaly...» diýip, Oguz han ol ýigidi ýanyna nökerlige kabul edipdir.

Bir zadyň hatyrasyna jan dözülýän bolsa, şonuň hatyrasyna ýaşap bilmegem uly mertebedir. Aslynda, niýetlerimiziň çynlygy we çuňlugy, berkligi we beýikligi şol ýerde bilinýär: biz öz beýik idealymyz – beýik maksatlarymyz üçin ýaşamaga näderejede taýýar? Biziň beýiklik hasap edýän mukaddesliklerimiz nämelerden ybarat? Ömrüň manysy özüň üçin ýaşap bilmekden başlaýşyna, soňra bu mertebeler başga biri üçin, maşgalaň üçin, obaň, il-ulsuň, halkyň, Watanyň üçin ýaşap bilmek derejelerine çenli beýgelip gidýär. Maksatlaryň çürbaşynda Watan bähbidini goýmak bolsa miýesser edip biljek mertebeleriň iň beýigidir.

Aslymyzyň beýikdigi, şöhratlydygy biziň buýsanjymyzy, ynamymyzy artdyrýan zatlaryň biri. Özüňi ruhubelent, maksada okgunly duýmak we geljege ynamly garamak üçin milli buýsanjyň täsiri uludyr. Türkmenler owal-ahyr Alla ýalkan kowumdyr, köp dürli ukyp-başarnyklara eýedirler. Dünýäde iň köp döwleti guran ata-babalarymyzyň geçen şöhratly taryhy ýoly muňa delildir...

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW: – KÖMEGE, MÄHRE MÄTÄÇ ÇAGALARA HOŞGYLAW BAKMAK, OLARYŇ ALADASYNY ETMEK, IL HATARYNA GOŞMAK, OLARY JEMGYÝETÇILIK TERBIÝESI BILEN GURŞAMAK TÜRKMEN HALKYNA MAHSUS MILLI DÄPLERIŇ BIRIDIR.**

# HAÝYR–SAHAWATLYLYK — HALKYMYZYŇ ASYLLY ÝÖRELGESI

**Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen haýyr-sahawat gaznasy ýaş nesle howandarlyk etmek, olaryň abadan geljegini üpjün etmek we hemmetaraplaýyn ösüşi üçin zerur şertleri döretmek bilen, halkymyzyň gadymdan gelýän sahawat ýolunyň we ynsanperwerlik däpleriniň aýdyň beýany boldy.**

2021-nji ýylyň 29-njy martynda Türkmenistanyň Prezidenti «Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy hakynda» Karara gol çekdi. Şol gün Türkmenistanyň Mejlisi gazna Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyny dakmak hakynda karar kabul etdi. Ýurdumyzda ýaşlaryň beden hem ruhy taýdan sagdyn ösmegini üpjün etmek, enäniň we çaganyň saglygyny goramak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şu maksat bilen, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmegi hem çagalaryň üns-alada bilen gurşalýandygynyň güwäsidir. Türkmenler çagalara hemişe mähir-muhabbet, söýgi bilen garapdyrlar. Şoňa görä-de, ynsanperwerlik, mätäji goldamak ýaly ata-babalarymyzdan gelýän milli däplerimize eýermek bilen, ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň howandarlygyndan galan çagalar hem-de ýetginjekler aýratyn üns-alada bilen gurşalýar. Çagalaryň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi, jemgyýetimiziň durmuşyna doly derejede gatnaşmagy üçin oňaýly şertleriň döredilmegi ugrunda döwlet derejesinde yzygiderli tagalla edilýär. Döwletimiz çagalary üns merkezinde saklap, olaryň özlerini uly we agzybir maşgalanyň – jemgyýetiň doly derejeli agzasy hökmünde duýmaklary üçin ähli mümkinçilikleri döredýär.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen gazna tarapyndan paýtagtymyzdaky, welaýatlardaky hassahanalarda dürli operasiýalary geçirmek, çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde, mekdep-internatlarda terbiýelenýän ýaş türkmenistanlylaryň bejergileriniň çykdajylaryny tölemek we olara saglygy goraýyş maksatly zerur enjamlary satyn almak üçin serişdeler yzygiderli bölünip berilýär. Şeýle çagalar üçin ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralarynda dürli lukmançylyk bejergileri geçirilip, sagaldyş-dikeldiş işleri alnyp barylýar.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde çagalaryň saglygyny dikeltmek we berkitmek, olaryň terbiýelenmegi, bilim we dynç almagy üçin ähli amatly şertler bar. Merkez özünde edara binasyny, 150 we 100 orunlyk iki sany çagalar bagyny, sagaldyş-dikeldiş bölümini jemleýän toplumdyr. Onuň umumy meýdany 16,3 gektara barabardyr. Toplumyň abadanlaşdyrylan we ertekilerdäki gahrymanlaryň suratlary bilen bezelen çäginde çagalaryň wagtyny arassa howada şadyýan, gyzykly geçirmekleri üçin oýun meýdançalary ýerleşdirilipdir. Şeýle-de bu meýdançalar üçin Hazar deňziniň kenaryndan bejeriş häsiýetli çäge getirilipdir. Bu ýerde açyk howuzlar, owadan bassyrmalar, amatly ýodajyklar göz öňünde tutulypdyr.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy halkara gatnaşyklarda örän möhüm hyzmaty ýerine ýetirýär, gaznanyň alyp barýan işleri ýokary ussatlygy, mähirliligi, öňde goýlan maksatlara ýetmäge tüýs ýürekden ýapyşmagy, çagalar babatda belent ynsanperwerlik we mähribanlyk häsiýetleri bilen tapawutlanýar. Soňky ýyllarda gaznanyň hasabyna Türkmenistanyň halkara lukmançylyk merkezlerinde we beýleki saglygy goraýyş edaralarynda çagalara 500-den gowrak operasiýa geçirildi.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işi goldawa mätäçlere hemaýat bermek däbiniň oňat nusgasydyr. Döredilen wagtyndan bäri bu gazna tutuş ýurdumyzda howandarlyga mätäç çagalara lukmançylyk kömegini berip gelýär. Soňky dört ýylda köp sanly çaga gaznanyň kömeginden peýdalandy we bu möhüm iş dowam etdirilýär.







### Saglygy goraýyş enjamlary gowşuryldy

Haýyr-sahawat gaznasynyň işi has giň gerime eýe bolup, diňe çagalaryň saglyklarynyň dikledilmegine däl, eýsem, hassahanalarda çagalara degişli enjamlaryň ornaşdyrylmagyna hem goldaw berýär. Haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna paýtagtymyzdaky we ýurdumyzyň welaýatlaryndaky hassahanalara dürli saglygy goraýyş enjamlary, welaýatlardaky hassahanalaryň çagalar bölümlerine «Tiz kömek» awtoulaglary gowşuryldy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna paýtagtymyzyň we ýurdumyzyň welaýatlarynyň hassahanalarynyň çagalar bölümlerine Germaniýanyň «B.Braun» kompaniýasynyň «Dialog+» kysymly gemodializ enjamlary ornaşdyryldy.

Şeýle hem halkara ýaryşlarda ýeňiji bolan türkmen türgenlerine gymmat bahaly sowgatlar gowşurylýar. Mundan başga-da, ýurdumyzda haýyr-sahawat gaznasynyň howandarlygynda mekdep okuwçylarynyň arasynda halkara olimpiadalar, maslahatlar, döredijilik bäsleşikleri we çagalaryň hemmetaraplaýyn kadaly ösüşine gönükdirilen beýleki çäreler geçirilýär.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy sagdyn ýaş nesli kemala getirmekde möhüm orna eýedir. Gaznanyň işine yzygiderli goldaw bermekde, ýurdumyzda ynsanperwerlik, adalatlylyk, sahawatlylyk däplerini ilerletmek bilen, haýyr-sahawat işini ösdürmekde hormatly Prezidentimiz ägirt uly tagallalary edýär. Täze taryhy eýýamda türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däpleri Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynsanperwer syýasatynda aýdyň beýanyny tapýar.

Geçen ýylyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň mejlisi geçirildi. Şol mejlisde Gahryman Arkadagymyz gaznanyň serişdeleriniň hasabyna ýurdumyzda köp sanly çagalaryň saglygynyň dikeldilendigini, bu sahawatly işleriň geljekde-de dowam etdiriljekdigini aýdyp, amala aşyrylýan işleriň çagalarymyzyň we agtyk-çowluklarymyzyň bagtyýar geljegine gönükdirilýändigini, ösüp gelýän nesillerimiz baradaky aladanyň beýik we ýagty geljegimiz baradaky aladadygyny aýratyn nygtady. Bu işler türkmenistanlylaryň häzirki we geljek nesilleriniň abadan durmuşynyň binýadyny berkitmekde möhüm ähmiýete eýedir. Gaznanyň alyp barýan işine halkara derejede hem ýokary baha berilmegi ýurdumyzda howandarlygyň we çagalara mähribanlygyň nusgalyk tejribesiniň toplanandygyny, Garaşsyz döwletimiziň ynsanperwer syýasatynyň üstünliklere beslenýändigini aýdyňlygy bilen görkezýär.

### Gaznanyň dünýä ýurtlarynyň çagalaryna ýardamy

Gazna döredilen wagtyndan bäri Arkadag şäherindäki Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde çagalaryň saglygyny dikeltmek boýunça uly işler alnyp baryldy. Haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleri barha giň gerime eýe bolup, ol goňşy we sebitdäki hyzmatdaş ýurtlaryň çagalaryna-da degişli derejede ýardam berýär. Türkiýe, Ukraina, Owganystan, Russiýa, Täjigistan, Palestina ýaly ýurtlaryň çagalaryna ynsanperwerlik kömekleri iberildi. Täjigistanyň Hatlon welaýatynda ýurdumyzyň gurluşykçylarynyň bina eden mekdebiniň okuwçylaryna gaznanyň hasabyna kompýuterler sowgat berildi, Medisina klasteriniň öndürýän çaga iýmitleri doganlyk Owganystana iberildi.

BMG-niň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň 57-nji mejlisinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan ynsanperwer işlerine uly üns berilmegi bolsa, bu düzümiň halkara giňişlikdäki abraýynyň barha belende galýandygyny görkezýär.

### Haýyr-sahawat gaznasynyň işi barada kitap

2023-nji ýylda «Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy» atly kitap çap edildi. Üç dilde – türkmen, iňlis we rus dillerinde neşir edilen kitapda gaznanyň işi barada gürrüň berilýär. Kitapda bellenilişi ýaly, gaznanyň baş maksady ene-atanyň howandarlygyndan mahrum bolan ýa-da aýratyn durmuş goldawyna mätäç ýaşajyk raýatlar hakyndaky aladadyr. Kitap dürli ugurlara bagyşlanan «Gurplulygyň öz şertleri bar», «Beren eliň berekedi artar», «Durmuşyň gymmatlygy – saglyk», «Hossarlyk – öçmez umyt», «Howandarlyk jebisligi döredýär» diýen birnäçe bölümden ybarat. Kitapda bellenilişi ýaly, bu gaznanyň döredilmegi ýurdumyzyň her bir raýatyna haýyr-sahawat işine şahsy goşant goşmaga mümkinçilik berýär.





## GAZNA BARADA MAGLUMATLAR

**2021-nji ýylyň 30-njy marty**

Türkmenistanyň Merkezi bankynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň milli we daşary ýurt pullarynda hasaplary açyldy.

**2021-nji ýylyň 1-nji iýuny**

Gahryman Arkadagymyz ilkinji bolup Haýyr-sahawat gaznasyna serişde goýdy.

Gahryman Arkadagymyz Çagalary goramagyň halkara güni mynasybetli Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezine bardy. Bu baýramçylyk döwletimiziň BMG-niň esasy ýörelgelerine ygrarlylygynyň nyşany hökmünde ýurdumyzyň resmi baýramçylyk seneleriniň sanawyna girizildi.

**2022-nji ýylyň 1-nji marty**

Gahryman Arkadagymyzyň teklibi bilen gaznanyň ýanynda Ýaşulular geňeşi döredildi. Ýaşulular geňeşi çagalara at, familiýa berilmegi, olary ogullyga ýa-da gyzlyga almak bilen baglanyşykly wezipeleriň oňyn çözülmegine gatnaşýar.

**2023-nji ýylyň 16-njy iýuny**

«Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy» atly kitap okyjylara gowuşdy. Türkmen, iňlis we rus dillerinde çap edilen bu kitap gaznanyň alyp barýan haýyr-sahawat işleri hakda söz açýar.

**2023-nji ýylyň 29-njy iýuny**

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň açylyşynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezine gelip, bu ýeriň mümkinçilikleri bilen tanyşdy.

**2023-nji ýylyň 8-nji iýuly**

Milli Liderimiz Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň birinji mejlisini geçirdi.

**2023-nji ýylyň 30-njy sentýabry**

Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken Kanuny esasynda «Arkadag» medaly döredildi we onuň Düzgünnamasy, şeýle hem medalyň Ýazgysy tassyklandy. Medal ynsanperwer başlangyçlary goldamaga ýardam bermek maksady bilen döredildi.

**2023-nji ýylyň 10-njy oktýabry**

Türkmenistanyň Mejlisiniň karary bilen, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Arkadag» medaly bilen sylaglandy.

**2023-nji ýylyň 27-nji dekabry**

Ýaşlaryň forumynda ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasy Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna Hoşallyk hatyny gowşurdy.

**2024-nji ýylyň 25 – 30-njy marty aralygynda**

Haýyr-sahawat gaznasynyň howandarlygynda mekdep okuwçylarynyň arasynda halkara matematika olimpiadasy geçirildi.

**2024-nji ýylyň 4-nji apreli**

Hormatly Prezidentimiziň gol çeken Buýrugyna laýyklykda, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan saglygy goraýyş maksatly we çagalara niýetlenen önümler täjik halkynyň çagalaryna sowgat berildi.

**2024-nji ýylyň 1-nji iýuny**

Haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň nobatdaky mejlisi geçirildi. Onuň işine gaznanyň wise-prezidenti hem-de Ýaşulular geňeşiniň agzalary bolan ýurduň ähli welaýatlaryna wekilçilik edýän ýaşulular gatnaşdylar.

**2024-nji ýylyň 1-nji sentýabry**

Täjigistanyň Hatlon welaýatynda gurlan 540 orunlyk Magtymguly Pyragynyň adyny göterýän orta mekdebiň birinji synpa baran okuwçylaryna Haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna noutbuk kompýuterleri, şeýle-de «Toyota Coaster» kysymly awtobus sowgat berildi.

**2025-nji ýylyň ýanwary**

Haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan goldaw berilmeginde Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «At – myrat» atly okuw merkezi işe başlady. Bu ýerde çagalary bedew at bilen meşgullanmak arkaly bejermek ýola goýuldy.

**2025-nji ýylyň 24-nji marty**

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň howandarlyk etmeginde çagalaryň arasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň gözýetimi, dünýägaraýşy» ady bilen döredijilik bäsleşigi yglan edildi.

**2025-nji ýylyň 29-njy marty**

«Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahat geçirildi.

**2025-nji ýylyň 18-nji iýuny**

Paýtagtymyzda üç gün dowam eden küşt boýunça halkara ýaryşa gatnaşyjylara Arkadag şäherindäki «Märkaw» myhmanhanasynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň sowgatlary gowşuryldy.

### «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
# «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Size doglan günüňiz mynasybetli iň mähirli gutlaglarymyzy iberýäris!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eşretli durmuşda ýaşaýan bagtyýar halkymyzyň, bedew bady bilen barha öňe barýan Watanymyzyň her bir güni toý-baýramlara beslenýär. Goý, ýurdumyzda tutulýan toýlar toýa ulaşsyn!

Siziň janyňyz sag, başyňyz dik, işleriňiz rowaç bolsun!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň
«TÜRKMENTURBA» zawodynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri türkmen topragyna egsilmez bagt, kalplarymyza buýsanç getirýär.

Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, alyp barýan işleriňiz mundan beýläk-de rowaç bolsun! Türkmen halky hemişe abadan we bagtyýar durmuşda ýaşasyn!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «BALKAN» GÄMI GURLUŞYK WE ABATLAÝYŞ ZAWODY» AGPJ

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Gahryman Arkadagymyz!** Siziň Türkmenistanyň ykdysadyýetini has-da ösdürmäge hem-de halkara gatnaşyklarynda abraýyny berkitmäge gönükdirilen başlangyçlaryňyz dünýä jemgyýetçiliginiň gyzgyn goldawyna eýe bolýar. «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgäňiz üçin halkymyz Size buýsanýar we guwanýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli künjeginde oňyn özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Biz hem ähli işgärlerimiz bilen bilelikde amala aşyrylýan işlere özümiziň goşandymyzy goşýandygymyza buýsanýarys. Şeýle ajaýyp döwri halkymyza peşgeş berendigiňiz üçin Size alkyşlarymyz egsilmezdir.

**Gahryman Arkadagymyz!** Sizi Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň şanly wakasy bolan mübärek doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan işleriňizde uly üstünlikler, bagtyýarlyk hem-de rowaçlyk, halkymyza bolsa parahatçylyk we abadançylyk arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BALKAN» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody»
AGPJ-niň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# AGRi

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Türkmen halky Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze, belent sepgitlere ýetýär. Goý, Siziň amala aşyrýan tutumly işleriňiziň dowamaty-dowam bolsun!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Size berk jan saglygyny, ömrüňiziň uzak bolmagyny, alyp barýan asylly işleriňiziň hemişe rowaçlanmagyny arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# nowaeco

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Ýurdumyz sazlaşykly ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly öňe barýar, dünýädäki abraýyny berkidýär.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan gyzgyn gutlaýarys we iň gowy arzuwlarymyzy Size ýetirýäris!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siziň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» ýörelgelerinden ugur alnyp, ýurdumyzyň ähli ýerinde uly tutumlar durmuşa geçirilýär. Türkmenistan Watanymyzyň her bir güni ýatdan çykmajak wakalara beslenýär. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, şäher we oba ýerlerini ösdürmek, ýurdy senagatlaşdyrmak, ulag-logistika düzümlerini döretmek boýunça ägirt uly taslamalar amala aşyrylýar.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siziň belent başyňyz aman, işleriňiz rowaç bolsun! Size berk jan saglyk, ähli halkymyza parahatçylygy we ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegini arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# IRAN KHODRO Industrial Group

IKCO

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Doganlyk Türkmenistan döwletiniň mundan beýläk-de gülläp ösmegini, ykdysady kuwwatynyň has-da artmagyny arzuw edýäris!

**Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow!** Siz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň sarsmaz binýadyny gurduňyz, doganlyk türkmen halkyny bagtyýarlyk döwrüne, ajaýyp zamana ýetirendigiňiz üçin türkmen halkynyň Size guwanjynyň çägi ýokdur. Ösüşiň täze tapgyryna gadam basylan döwründe, Siziň we Türkmenistanyň çuňňur hormatlanýan Prezidentiniň baştutanlygynda Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklary täze derejelere ýetdi. Iki doganlyk halk hemişe birek-birege kömek berip gelýär. Munda Siziň hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň uly goşandynyň bolmagy bizi çäksiz begendirýär.

**Çuňňur hormatlanýan Gurbanguly Berdimuhamedow!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar syýasy, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlarda giň gerimde ösdürilýär. Aşgabatda geçirilen Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-eýran hökümetara toparynyň 17-nji mejlisi hem-de Eýran Yslam Respublikasynyň «Iran Prože» atly ýöriteleşdirilen sergisi we olaryň çäklerinde gazanylan möhüm ylalaşyklar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrdy.

**Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow!** Size berk jan saglygyny, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO»**
**Golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

BOUYGUES TÜRKMEN

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY JENAP GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanýan jenap Gurbanguly Berdimuhamedow!**

Bouygues Türkmen şereketiniň ýolbaşçylarynyň we ähli işgärleriniň adyndan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglarymyzy kabul ediň!

Size berk jan saglyk, bagt we abadançylyk, şeýle hem Türkmenistanyň ösüşi we halkyň bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan asylly işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris.

Siziň ileri tutulýan milli ugurlary berkitmek, döwletiň bähbitlerine wepalylyk we durnukly ösüşe ymtylmak üçin bahasyna ýetip bolmajak goşandyňyz köptaraply ykdysady we sosial ösüşiň möhüm faktoryna öwrüldi.

Siziň strategik maksatlary durmuşa geçirmek baradaky başlangyçlaryňyz we tagallalaryňyz netijesinde Türkmenistan ynamly we durnukly ösüşi görkezýär.

Biziň şereketimiziň işgärleri ýurduň innowasiýa ösüşine laýyk gelýän infrastrukturany gowulandyrmaga, häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga we daşky gurşawyň durnuklylygyny üpjün etmäge gönükdirilen giň gerimli taslamalara gatnaşmaga döredilen mümkinçilikler üçin tüýs ýürekden buýsanýarlar.

Goý, Siziň durmuş ýoluňyz täze üstünliklere we rowaçlyklara beslensin.

**Çuňňur hormatlanýan jenap Gurbanguly Berdimuhamedow, Size uly hormat goýýandygymyz baradaky ynandyrmalarymyzy kabul ediň!**

**«BOUYGUES TURKMEN» şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri**

## НАЦИОНАЛЬНОМУ ЛИДЕРУ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЮ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ ГУРБАНГУЛЫ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Глубокоуважаемый Господин Гурбангулы Бердымухамедов!**

От имени руководства и всего коллектива компании Буиг Туркмен примите наши искренние поздравления по случаю Вашего Дня рождения!

Желаем Вам крепкого здоровья, счастья и благополучия, а также новых успехов в благородном труде на благо Туркменистана и народа.

Ваш неоценимый вклад в укрепление национальных приоритетов, преданность государственным интересам и стремление к устойчивому прогрессу стали важными факторами всестороннего экономического и социального роста. Благодаря Вашим инициативам и усилиям, вносимым в реализацию стратегических задач, Туркменистан демонстрирует уверенный рост и устойчивое развитие.

Коллектив нашей компании искренне гордится возможностью быть частью масштабных проектов, направленных на улучшение инфраструктуры, внедрение современных технологий и обеспечение экологической устойчивости, что созвучно курсу страны на прогресс и инновации.

Пусть Ваш жизненный путь и впредь будет ознаменован новыми достижениями и успехами.

**Соблаговолите принять, Глубокоуважаемый Господин Гурбангулы Бердымухамедов, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении!**

**Руководство и сотрудники компании «BOUYGUES TURKMEN»**

---

AJAÝYP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!

Sizi agzybir işgärlerimiziň adyndan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

Ýurdumyzda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ata Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, berkarar döwletimizi dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmak ugrunda uly işler alnyp barylýar.

**Gahryman Arkadagymyz!** Siziň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» ýörelgeleriniň düýp özeninde halkymyzyň bagtyýarlygy hakyndaky çuňňur alada ýatyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz durmuşyň ähli ugrunda uly üstünliklere eýe bolýar.

**Gahryman Arkadagymyz!** Agzybir işgärlerimiz ýurdumyzda alnyp barylýan işleri tüýs ýürekden goldap, şanly wakalara beslenýän üstümizdäki ýylda hem eşretli durmuşyň hözirini görüp, öňde goýlan belent maksatnamalary üstünlikli ýerine ýetirmek üçin joşgunly zähmet çekýärler.

**Gahryman Arkadagymyz!** Sizi ýene bir gezek doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

speedcast

## TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA

Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow – Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Size we ähli türkmen halkyna Türkmenistany gülledip ösdürmek ugrunda edýän işleriňizde üstünlik, uzak ömür we abadançylyk arzuw edýäris!

**Jim FROWNFELTER,**
**«SPEEDCAST» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

## CHAIRMAN OF THE HALK MASLAHATY GURBANGULY BERDIMUHAMEDOV

Honorary Elder of the Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov – We sincerely congratulate You on Your birthday.

We wish You and all Turkmen people long life, welfare and success in Your ongoing work for Turkmenistan's prosperity.

**Jim FROWNFELTER,**
**CEO «SPEEDCAST».**

---

## НАЦИОНАЛЬНОМУ ЛИДЕРУ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЮ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ ГУРБАНГУЛЫ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Глубокоуважаемый Гурбангулы Бердымухамедов!**

Сердечно поздравляем Вас с днем рождения!

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства ведутся масштабные работы, благодаря которым в политической, экономической, культурной жизни страны происходят огромные перемены исторической значимости.

Пользуясь этой возможностью, желаем Вам доброго здоровья и долголетия, вдохновения и успехов!

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании**
**«EDC ROMFOR LIMITED».**

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA**

**Gahryman Arkadagymyz!**

Sizi ähli işgärlerimiziň adyndan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden we gyzgyn gutlaýarys!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Ýurdumyzda köpugurly gatnaşyklary yzygiderli ösdürmäge we pugtalandyrmaga uly üns berilýär. Soňky ýyllarda daşary ýurtlar bilen gatnaşyklar hemmetaraplaýyn ösdürilip täze many-mazmun bilen üsti ýetirilýär. Türkmenistan alnyp barylýan oýlanyşykly, geljegi nazarlaýan syýasatyň netijesinde hemmetaraplaýyn ösýär hem-de dünýädäki abraýy artýar. Dürli ulgamlarda uly özgertmeler amala aşyrylyp, üstünlikler gazanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýetilýän sepgitler her bir türkmenistanlynyň buýsanjyna buýsanç goşýar, türkmen halky bagtly döwürde ýaşaýar.

Alnyp barylýan içeri we daşary syýasatyň netijesinde Türkmenistanyň dünýä döwletleri we iri halkara guramalar bilen ýola goýlan hyzmatdaşlyk gatnaşyklary täze derejelere çykýar. Garaşsyz hem-de hemişelik Bitarap Türkmenistan indi ençeme gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisleriniň wise-başlyklygyna, bu iri halkara guramanyň abraýly düzümlerine saýlanyldy.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işleriňiz rowaç, abraý-mertebäňiz mundan hem belent, beýik maksatlaryňyz hasyl bolsun!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.
«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY
RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi manyly ömrüňiziň şatlykly pursady bolan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Gahryman Arkadagymyz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetiň ähli pudagy boýunça uly ösüşler gazanylýar. Ýurdumyz sanlyja ýylyň içinde syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde hem-de halkara hyzmatdaşlygynda uly üstünliklere eýe boldy. Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmek ugrunda alnyp barylýan tutumly işler türkmen döwletiniň dünýädäki abraý-mertebesini gün geçdigiçe belende göterýär.

**Gahryman Arkadagymyz!** Siziň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgäňiz esasynda ýurdumyzda adam hakyndaky alada elmydama üns merkezinde saklanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli kanunçylygyny kämilleşdirmek barada uly işler alnyp barylýar. Size halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek boýunça alyp barýan işleriňizde uly rowaçlyklar arzuw edýäris!

**Gahryman Arkadagymyz!** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, mertebäňiziň hemişe belent bolmagyny arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY

**«MERTLIK RUHY» H.J.
«HYUNDAI» Türkmenistandaky
Resmi distribýutory**

## HUAWEI

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
JENAP GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan Gurbanguly Berdimuhamedow!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! **«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»** kompaniýasynyň ähli işgärleriniň adyndan Size berk jan saglygyny, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gülläp ösmegi üçin alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Siziň oýlanyşykly we öňdengörüjilikli syýasatyňyz türkmen döwletiniň hemmetaraplaýyn ösüşiniň hem-de halkara abraýynyň ygtybarly binýadyna öwrüldi. Türkmenistanda uly üstünlikler we zähmet ýeňişleri gazanylýar, ýokary depginli ösüşleri nazarlaýan giň gerimli durmuş-ykdysady özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Sizi doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size hem-de ähli türkmen halkyna abadançylyk we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»
kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**НАЦИОНАЛЬНОМУ ЛИДЕРУ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА,
ПРЕДСЕДАТЕЛЮ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА
ГОСПОДИНУ ГУРБАНГУЛЫ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Гурбангулы Бердымухамедов!**

Сердечно поздравляем Вас с днем рождения! От имени всего коллектива **«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»** желаем Вам наикрепчайшего здоровья, новых успехов на Вашем светлом пути, еще больших свершений на благо Нейтрального Туркменистана и всего туркменского народа.

Ваша взвешенная и дальновидная политика стала надежной платформой для всестороннего развития государства и его растущего международного авторитета. В Туркменистане, добивающемся успехов и трудовых побед, планомерно осуществляются широкомасштабные социально-экономические преобразования, обуславливающие его динамичное развитие.

Еще раз от всего сердца поздравляем Вас с днем рождения и желаем Вам и всему туркменскому народу благополучия и процветания!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании
«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys!

**Gahryman Arkadagymyz!** Türkmenistan bu gün döwletliligini berkitmek, raýatlarynyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak hem-de halkara giňişlikde abraýyny artdyrmak ýolunda täze sepgitlere çykýar. Ýurdumyzda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli künjeklerinde oňyn özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Bu bolsa halkymyzyň bagtyýarlygynyň, ýurdumyzyň abadançylygynyň baş binýady bolup durýar. Garaşsyz Türkmenistanyň nurana geljegine gönükdirilen bu tutumly işler ýurdumyzyň ösüşleriň täze belentliklerine çykmagyny üpjün edýär.

**Gahryman Arkadagymyz!** Sizi ýene-de bir gezek doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň abadançylygyny we bagtly durmuşyny, röwşen geljegini üpjün etmäge gönükdirilen asylly işleriňizde üstünlikler arzuw edýäris! Goý, ýurdumyz gülläp össün, halkymyz eşretli durmuşda ýaşasyn!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY»
ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**